# Mylly sazanda

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Mylly sazanda

MYLLY SAZANDA

Pähim-paýhas bilen mäkäm oturan,
Goşa kiriş, perde gözden ýitiren,
On barmak tez oýnap, şelpe getiren,
Çalanda, ol goja şirin tarlyny.

Kel bagşy ussadyñ şägirdi bolan,
Dutardan täsin bir owaz-heñ alan,
Geçmişde il-ulus haýranlar galan,
Behişt guşa deñäp, dürli heñlini.

Eşdip "Humar ala" zaryn owazy,
Melul bor, pelpellär ördegi-gazy,
Daranyp, ak guw, guş eder çoh näzi,
Atam ele alsa, şol ýakymlyny.

Göwnüñ awlap, kalbyñ alan saz munda,
Köñle ýaýrap, ýañlan ýürek dagynda,
Göz baglap "Burnaşak" uzak çalnanda,
Ynsan doýman diñlär, jana emlini.

Ýat etmişem asylzada adyñy,
Perişdesiñ, dutar syrdaş jadyly,
Zaman undup bilmez ýaş-u-ýaşuly,
Mukam äleme täç bolan Myllyny.

Hojamyrat TÄÇMYRADOW.

Goşgular